# Ol jadygöý däl

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Medisina,Psihologiýa
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ol jadygöý däl OL JADYGÖÝ DÄL

■ Geçen asyryň 90-njy ýyllarynda aýdym-sazyň, gudratly sözüň piri bolan Aşyk Aýdyň piriň mekany gadymy Was düzlüginde, piriň hormatyna geçirilen aýdym-saz baýramçylygynda bu ýigit adamlary geň galdyrypdy. Tagtanyň ýüzüne dikeç ýaly kakylan çüýleriň üstünde ýöreýän, çüýşe döwükleriniň üstünde böküp, dişleri bilen 30 kilolyk daşy göterip duran ýigitde adamlar nähilidir bir gudrat, jadygöýlük bardyr öýdýärdiler. Ýöne Daşoguz welaýatynyň S.Türkmenbaşy etrabynyň «Goşahowly» daýhan birleşiginde ýaşaýan oba oglany Ahmet Ataýew bu derejä, sungatyň bu görnüşine diňe özüniň irginsiz zähmeti bilen ýetipdi. Bizem jadyly sungata ýetişi barada onuň bilen gürrüňdeşlik geçiren Gurbannazar Jumamyradowyň 1997-nji ýylyň 17-nji iýunda «Watan» gazetinde çykan makalasyny okyjylarymyzyň dykgatyna ýetirmegi makul bildik.

◆ ◆ ◆

– Ahmet, ilki bilen ýoganyň görnüşleri, adam organizminiň gizlin mümkinçilikleri, içki energiýasy barada gürrüň beräýseň?!

– Ýoga barada ilkinji maglumatlar gadymy hindi eposy «Iwedide» gabat gelýär. «Ýoga» sanskrit dilinde «birleşme» diýmekdir. Ol adamzat durmuşynda uly orna eýedir. Ol ilkinji nobatda saglygy, uzak ýaşamagyň syrlaryny, ajaýyp sungaty, adamyň ynanmajak gudratyny, ýagny adam organizminiň geň-taň mümkinçiliklerini özünde jemleýär. Ýoganyň esasan dört görnüşi bar: Hat-ha, Bhkt-ha, Radja, Karma. Olaryň biri organizmiň çeýeligini berkidýän bolsa, beýlekisi organizmiň nerwlerine erk etmek, şeýle hem dini ugur bilen adam aňyny beýik derejä ýetirýän ýollardyr. 15 ýaşymdan bäri men Ýoganyň Radja görnüşi bilen meşgullanýaryn. Bu ugur öz nerwleriňe aňrybaş derejede

erk etmek we buýurmak diýmekdir. Çünki bu usulda organizmiñ islendik myşsasynyñ nerwisini wagtlaýyn duýmaz ýaly derejä getirmek bolýar. Elbetde, şeýle ýokary mümkinçilik hemme organizmde bolýar. Emma köp adamlar özündäki şeýle mümkinçilikden habarsyz hem-de ony ýüze çykarmagy başarmaýarlar. Sadaja düşündirsek şeýle: bir adam güýçli gorkan ýagdaýynda onuñ ähli nerwisi bir ugra gönügýär. Şo pursat organizmiñ islendik bir ýerine urgy edilse, hatda kesilse-de duýmaýar.
Ýogalar organizmiñ şeýle syrly mümkinçiliklerini doly öwrenip, ýokary derejede yzygiderli türgenleşýärler. Öz nerwlerine biçak erk etmäni başarýarlar. Mysal üçin, mende şeýle nomer bar: elimdäki ýogynrak hem-de ýiti armaturany bokurdagymyñ näzik ýerinde saklap elleýärin. Elbetde, bu ýerde hiç hili emel ýa-da jadygöýlük ýok. Bu diñe nerwleriñe aşa erk etmegiñ netijesidir.

– Dünýädäki ýogalarda geñ-tañ täsinlikler has-da köp bolupdyr?…

– Elbetde, ýoganyñ taryhynda gaty geñ galdyryjy täsin wakalar köp bolupdyr.
1837-nji ýylda hindistanly ýog Haridaza Penjap welaýatynda ýerli häkimiñ hem-de daşary ýurtly wraçlaryñ gatnaşmagynda şeýle eksperiment geçirýär. Ussat ýog ilki «Lotos» görnüşini eýeleýşr. Ol gulak, burun deşiklerini mum bilen berkleýär. Bokurdagyny dili bilen dykýar. Ony agaç ýaşşige salyp 1,5 metr çuñlukda üstüni toprak bilen gömýärler. Şol ýere-de bugdaý ekýärler. Ýerli häkimlik tarapyndan esger garawul goýulýar. Aradan 40 gije-gündiz geçýär. Bugdaýlar gögerip, bir garyş bolýar. Ýaşigi açyp, içinden Haridazany çykarýarlar. Wraçlar barlap görseler, onuñ ýüregi urmaýan eken. Saçy, sakgaly, dyrnaklary ösmesini togtadypdyr. Wraçlar organizm ýaşamasyny doly togtadypdyr, ýagny «ölüpdir» diýip kesgitleýärler. Onsoñ bu ussat ýogy şägirtlerine berýärler. Şägirtleri bolsa, «Ölen bolsa, ynha görüñ bakaly» diýip, gerekli hereketleri etdirip, oña jan berýärler. Ýoganyñ taryhynda şeýle geñ hadysalar

başga-da az däl. K-Ramurti diýen ýog ýalañaç eli bilen demir gazany tä içindäki et gowrulýança ýanyp duran oduñ üstünde tutup durmagy başarypdyr. Başga bir Baharati atly ýog bolsa döşünde äpet pili göterip, dem almagy başarypdyr.

– Ahmet, ynsanyñ gurluşy-da, hüý-häsiýetidir ruhy-da diýseñ çylşyrymly. Ynsanyñ içki güýji, energiýasy barada hem aýdaýsañyz?

– Bu sowala jaýdar jogap bermek üçin «Hytaý siguny» barada durup geçmek zerur. «Sigun» diýmek «Içki energiýa» diýmekdir. Sigun sistemasyny hytaý ussatlary mundan müñ ýyl ozal Hytaýda Şawlin ybadathana döredipdirler. Adam organizmindäki ýaşryn ýatan energiýany dem alyş usullary arkaly daşa çykarmaklyk ýa-da başga zatdan organizme energiýa almak ~ bu sigun sistemasydyr. Siguna durmuşdan mysal getireliñ. Meniñ hut gözüm bilen gören wakam muña janly mysaldyr. Öñräk bir ýere myhmançylyga baranymda goñşularymyñ biri ýeñil maşynynyñ aşagyna girip, bir ýerini bejerýän eken. Birdenkä domkrat sypýar-da, ýañky adamy maşyn gysýar. Ol sesiniñ ýetdiginden gygyrýar. Öýde diñe aýaly bar eken. Şonda ol adamsynyñ zaryn sesine ylgap gelýär-de, maşynyñ öñüni göterýär. Adamsy maşynyñ aşagyndan çykyp ýetişýär. Gykylyva ylgap baran wagtymyz ýañky çepiksije gelin öz eden işine özi-de ynanman, haýran bolup duran eken. Ol gelniñ aýtmagyna görä, şo wagt maşynyñ agyrlygy ýa-da agyrap ynjajagy ýadyna-da düşmändir. Diñe öz adamsyny ölümden halas etmek pikiri bolupdyr. Biz şonda ýañky gelinden maşynyñ öñüni ýene-de bir gezek göterip görmegi haýyş etdik. Şonda ol bar güýji bilen synanyşyp görse-de, gozgabam bilmedi. Çünki dogrudan hem adam gorkanda ýa-da aljyranda organizmdäki ýaşryn ýatan güýç, energiýa oña geñeşmän çykýar. Organizmiñ şeýle täsin, uly mümkinçiliginden hem hytaý ussatlary Sigun sistemasyny döredipdirler.

– Ahmet, gipnoz, psihologiýa, telepatiýa bilen hem gyzyklanýan ekeniñiz, şolar barada nämeleri aýdyp bilersiñiz?

– Ilki gipnozdan başlaýaly. Gipnoz şeýle bir inçe, näzik hem

köptaraplydyr. Adamda, esasan iki hili uky bolýar. Adaty hem-de emeli uky. Gipnozy dünýäde ilkinji gezek 1943-nji ýylda amerikan alymu Jeýms Bekker medisina operasiýasynda ulanyp gördi. Syrkaw şonda hiç hili agyry duýmandyr. Hatda ol operasiýa gatnaşýan wraçlar bilen gürleşip hem ýatypdyr. Gipnozy gadymdan bäri ruhanylar hem ulanypdyrlar. Häzir bu usuly medisinada hem ulanýarlar. Gipnozy akamedik Pawlow we onuñ okuwçylary ylmy taýdan esaslandyrypdyrlar. Akademik Pawlowyñ aýtmagyna görä, «Islendik adam gipnoz ukusynda bolan wagty energiýa we güýç toplaýar. Gipnoz ýaş hem-de jyns aýratynlyklara garamazdan, deñ derejede täsir edýär».
Gipnoz ukusynda bolan wagty adam özünde gizlenip ýatan içki energiýasyny, talantyny ýüze çykarýar. Şol wagt gözi dañylgy bolsa-da, ýolundaky päsgelçiliklere galtaşman, olardan sowlup, aýdylan ýere arkaýyn barýar. Dogrudan-da, gipnoz täsinlikleri açylmadyk syrlardan doly. Şu ýerde bu hakda bir psiholog alymyñ: «Şeýle ýagdaýda adamyñ göze görünmeýän üçünji gözi açylýar» diýýäni ýadyma düşýär.
Psihologiýa adamzat siwilizasiýasynda möhüm ylymlaryñ biri. Men psihologiýa bilen özbaşdak gyzyklanýaryn.
Telepatiýa hem köptaraplaýyn ugurlara bölünýär. Bu ugurda işleýänler häzir esasan sugesologiýanyñ üstünde işleýärler. Sugesologiýa ~ adama uzak aralykdan täsir etmek diýmekdir. Meşhur sugesolog, hemmämize belli bolan Kaşpirowskiniñ usullary muña degişlidir. Telepatiýanyñ ýene-de bir ugruny şeýleräk düşündirip bolar. Meselem, käbir adamlar öñünden bir zat aýdarlar, şol hem dogry bolup çykýar. Sebäbini soranyñda bolsa olar «Ýüregim syzdy, duýdy» diýýärler. Elbetde, şol adamyñ telepatiýasy gowy işleýär, ýöne ol özündäki şeýle täsin mümkinçiligi düşündirip bilenok.
Köpçüligiñ öñünde çykyş edip, adamlara ruhy lezzet bermek, olaryñ dürli aladalardan wagtlaýyn saplamak, dynç almaklaryny, özlerindäki täsin mümkinçilikleri ýüze çykarmagy üçin ylmyñ köp taraplaryny öwrenmek zerur. Şonuñ üçin hem men bular bilen içgin gyzyklanýaryn.

— Gudratyna sygynýan ussatlaryñ, halypalaryñ hakynda hem kelam

agyz aýdaýsaňyz?!

– Köneürgençdäki üç ýüz altmyş erenleriň ýerlenen ýerlenen ýeri, ýagny ikinji Käbehana hasaplanyp, külli musulmanyň sygynýan 360 öwlüýäsine, Aşyk Aýdyň, Ybrahym Edhem öwlüýälerine sygynýaryn. Her bir çykyşymda olardan medet dileýärin.
Ýoganyň täsin syrlaryny ilkinji gezek belli sirk ussady, azerbaýjan pälwany Aryf Ragim Nury oglundan öwrenip başladym. Soňra bolsa daşoguzly, häzir Daşkentde işleýän gündogar uşunyň ussady Mäşerip Jumanyýazow halypalyk etdi. Onuň bilen men 1991-nji ýylda Moskwada geçirilen «Gündogardan öwüsýän şemal» atly bütindünýä festiwalynda şowly çykyş edip, festiwalyň diplomanty bolupdym.

– Iş we durmuş ýagdaýlaryňyz, geljekki planlaryňyz, arzuw-isleglerïňiz nähili?

– Şu çaka çenli on ýyl töweregi etrap medeniýet bölüminde işlemek bilen, oba zähmetkeşlerine hyzmat etdik. Döredijilik we sungat işgärlerine-de özbaşdak, döredijilikli işlemäge şert döredildi. Tüweleme, obamyzda Begmämmet Käbäýew ýaly ýoga bilen özbaşdak meşgullanyp, ençeme täsin we çylşyrymly nomerleri ökdelik bilen ýerine ýetirmegi başarýan ýaşlar köp. Şolar bilen mähriban halkymyza hyzmat etmek üçin yhlasymyzy gaýgyrmarys. Häzirki wagtda men Balkan welaýatynyň medeniýet bölüminde täze sirk toparyny döredip, halka hyzmat edýärin. Golaýda Büzmeýin şäherinde hem çykyş etdik.

– Beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin köp sag boluň! Işiňiz rowaç alsyn! Geň-taňsy wakalar